# Billeriñi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Billeriñi BILLERIŇI

Ýene gül ýüzüňi görsem,
Seýran etsem illeriňi.
Seniň bilen döwran sürsem,
Tirsem täze gülleriňi.

Sensiz meniň halym harap,
Ýanyňa barsam ýol ýöräp,
Ap-ak alkymyňa garap,
Gyssam näzik elleriňi.

Gül ýüzüňi görsem doýup,
Agzym dodagyňda goýup,
Görmäweri muny aýyp,
Sorsam şirin dilleriňi.

Aýlansam baş-aýagyňdan,
Gözleriňden, gabagyňdan,
Posa alyp ýaňagyňdan,
Ýassansam ak gollaryňy.

Sapar aýdar, ýandy janym,
Saňa gurban damja ganym,
Ala gözli Aý – Soltanym,
Guçsam inçe billeriňi.

Sapar ALLAGULYÝEW. Goşgular